# Meral Çelen aradan çykdy…

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhda şu gün
написано kitapcy | 26 января, 2025
Meral Çelen aradan çykdy…



***• Şu gün – 29-njy oktýabrda meşhur satiriki ýazyjy Eziz Nesiniñ aýaly, ýazyjy Meral Çelen aradan çykdy. Merhuma iman baýlygyny dileýäris.***

Dünýä belli satiriki ýazyjy, şol sanda türkmen okyjylarynyñ arasynda hem giñden tanalýan Eziz Nesiniñ aýaly, «Nesin» fondunyñ esaslandyryjy Meral Çelen (1934-2024) şu gün aradan çykdy.



1973-nji ýylda Meral Çeleniñ teklibi bilen gurlan «Nesin» fondy howandarsyz we ýetim çagalara okatmagy we durmuşa goşulşyp gitmegi üpjün etdi. Meral daýzanyñ ýadawsyz tagallalary bilen fond düýpli jemgyýetçilik guramasyna öwrüldi. Žurnalist Ahmet Nesiniñem ejesi bolan Meral Çelen terjimeçilik we döredijilik işi bilenem ýakyndan tanalýardy.
Ahmet Nesin ejesiniñ aradan çykandygyny şeýle sözler bilen habar berdi:
«Ejem Meral Çelenden şu gün irden 09:35-de jyda düşdük. Doganym Ali Nesin muny maña habar berende we men muny ýazyp durkam-da Fransiýada 09:35 bolmandy, ýafny ejemiñ ölmegine entek wagt bar. Şular ýaly günde-de durmuş meniñ bilen henek atyşýardy».




Taryhda şu gün